# Muhammet Baýram han

Orta asyrda Hindistanda ýaşap geçen, ýurduň ykdysady, syýasy we ruhy medeniýetiniň gülläp ösmeginde görnükli rol oýnan taryhy şahslaryň biri-de Muhammet Baýram han Türkmendir. Baýran hanyň doglan ýyly, ýeri dogrusynda bar bolan taryhy çeşmeler dürli hili pikirleri öňe sürýär. Dogrusy, şol pikirleriň aglabasy biri- birine çapraz gelýär.

Türkmen alymy G. Aliýew Baýram hanyň takmynan 1500-1505-nji ýyllarda Owganystanyň Gazna şäherinde, bu şäheriň gubernatory Seýf Ali Begiň maşgalasynda eneden doglandygy baradaky maglumaty berýär. Ol özüniň bu pikirini orta asyr taryhçysy Nihawandiniň we professor B. Ansariniň maglumatlary arkaly delillendirýär.

Belli hindi taryhşynaslary R. K. Pandeýiň we S. Reýiň işlerinde Baýram hanyň takmynan 1507-nji ýyllarda Badahşanda eneden doglandygy dogrusynda çaklamalar öňe sürülýär. Bu iki awtor hem mogollar döwründen miras galan “Akbarnama”, “Taryhy Perişde”, “Masiri Rahimi”, “Masiri ul-Umara» ýaly orta asyr taryhy çeşmeleri esasynda öz gelen netijelerini subut etmäge çalyşýarlar.

Biziň pikirimizçe, Baýram hanyň doglan ýyly, ömri we işi baradaky maglumatlar orta asyr taryhçysy, mogol imperatory Ekberiň şahsy mürzesi bolan Abul Fazl Allaminiň işlerinde has takyk berlipdir. Ol mogollar imperiýasynyň kätiphanasynda saklanan döwlet resminamalaryny, Ekberiň şahsy we gulluk hat-petegini, ýatlamalaryny ýazga geçiren meşhur galamgärdir. Onuň “Akbarnama”, “Aýin-i-Akbari” (Ekberiň hökümdarlygynyň dikeldilmegi) ýaly işleri hem bu elin maglumatlaryň esasynda ýazylandyr.

Abul Fazl Allaminiň berýan maglumatlaryna görä, haçan-da Baýram han Humaýunyň (mogol imperatory Muhammet Babyryň mirasdüşer ogly) ýanynda gulluk etmäge başlanda 16 ýaşly ýetginjek eken.

Bu pikiri Ram Kişor Pandeý hem tassyklaýar. Ol özüniň “Muhammet Baýram han Türkmeniň ömri we edermenlikleri” atly kitabynda Baýram hanyň mogollar köşgünde gulluk etmäge 1523-nji ýylda, entek 16 ýaşly ýetginjekkä gelendigi” baradaky maglumaty mysal getirýär. Eger şu maglumatlara salgylansaň, onda Baýram hanyň 1507-nji ýylda eneden doglandygy baradaky ylmy çaklamalaryň hakykata ýakynlygyna esas döreýär. Galyberse-de awtor Baýram hany mogol goşunyna hut imperatoryň – Babyryň getirendigi, ony öz mirasdüşeri şazada Humaýunyň şahsy goragçysy edip belländigi barada ýazmak bilen Baýram han bilen Babyryň ilkinji gezek duşuşygynyň 1523-nji ýylda bolup geçendigi baradaky maglumata ünsi çekýär.

Baýram hanyň 1507-nji ýylda doglandygy baradaky çaklamalary tassyklaýan başga-da bir çeşmä ünsi çekesimiz gelýär.

Mogol patyşasy Muhammet Babyryň gyzy Gulbeden begimiň, bu döwriň belli taryhçysy Badaoniniň işlerinde Baýram hanyň Humaýunyň wesýetine görä, 1557-nji ýylyň dekabr aýynda Babyryň agtygy Gülruh Begimiň gyzy Selime begime öýlenendigi we onuň şol wagt 50 ýaşynda bolandygy bellenýär. Bu hem onuň 1507-nji ýylda doglandygyny tassyklaýar. Şeýle hem bu awtorlaryň Baýram hanyň 53 ýaşda ýogalandygy barada barada berýän maglumatlary hem muňa güwä geçýär.

Muhammet Baýram han XIV- XV asyrlarda demirgazyk-günbatar Eýranyň, Azerbeýjanyň, Ermenistanyň, Yragyň hem-de günorta Türkiýäniň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda görnükli rol oýnan we Garagoýunly Baharly Türkmenleriň döwletini esaslandyran Gara Muhammet Durmuşyň nesillerindendir.

Mälim bolşy ýaly, XI - XIV asyryň ortalarynda Orta Aziýada Ak Goýunly Türkmen döwleti höküm sürýär. Garagoýunly Baharly Türkmenler bilen garyndaş bolandygyna seretmezden Ak Goýunly Baharly Türkmenler birnäçe ýyllap olara garşy barlyşyksyz söweşýärler. 1467 –nji ýylda olaryň serkerdesi Uzyn Hasan Teýmiriler döwleti bilen

birigip, Gara Goýunly Türkmen döwletini dargadýar we olaryň gol astynda bolan Ermenistany, Günbatar Eýrany, Yragy basyp alýar.

Türkmen alymy O. Ekäýewiň bellemegine görä, Garagoýunly türkmenleriň agalabasy Akgoýunlylara birigýär, köpüsi hem Eýranda, Horasanda ýerleşip galýar. Olaryň bir bölegi Horasanda, Azerbeýjanda, Yrakda, Badahşanda, bir bölegi hem mogol patyşasy Babyryň raýatlygynda Owganystanda we Hindistanda mesgen tutýarlar.

1400-1450-nji ýyllarda Baýram hanyň babasy Aly Şükür beg tutuş Hemedana, Kürdüstana we Dinawaryň aglaba ýerlerinde hökümdarlyk eden atly-abraýly adam bolupdyr. Abul Fazl onuň soňra Horasanyň giň çäklerinde öz hökümdarlygyny berkidenligini belläp geçýär hem-de bu ýerleriň tä XVII asyra çenli “Aly Şükür begiň ýurdy” diýlip atlandyrylandygyna hat-da bu ýerleriň Eýrana doly birikdirilenden soň hem ep-esli wagt Aly Şükür begiň adynyň döwlet ýazgynamalarynda saklanyp galandygyna ünsi çekýär.

Aly Şükür begiň uly ogly Ýar Aly beg hem öz döwrüniň belli şahslarynyň biri bolupdyr. Baharly Garagoýunly türkmen döwleti dargandan soň, Ýaraly beg maşgalasy bilen 1467-nji ýylda Badahşanda ýerleşýär.

1504-nji ýylda mogollar döwletini esaslandyran görnükli serkerde we meşhur Teýmir şanyň nebersi Zahireddin Muhammet Babyr (1483—1530ýý), öz goşuny bilen Owganystana girýär we onuň ep-esli böleginde öz hökümdarlygyny berkidýär. Bu döwürde Ýar Aly beg Babyryň ýakyn ýardamjylarynyň birine öwrülýär we ol sebitara meseleleri kadaly çözmekde oňa goldaw berýär. Birnäçe wagtdan soň, Babyr ony Gazna şäherine häkim edip belleýär. Aradan köp wagt geçmänkä, Ýar Aly beg ýogalýar, onuň deregine ogly Seýif Aly beg (Baýram hanyň kakasy) Gaznanyň häkimi wezipesini eýeleýär.

Şeýlelikde, Garagoýunly Baharly türkmenler mogol şasy Babyr bilen has ýakynlaşýarlar. Bu ýakynlyk diňe bir gulluk gatnaşyklary bilen çäklenmeýär, hatda soňky birnäçe ýyllaryň dowamynda olaryň arasynda garyndaşlyk baglanyşyklary emele gelýär. Bu barada Gülbeden begimiň işlerinde has anyk maglumatlar berilýär, ýagny, Aly Şükür begiň Paşa begim atly gyzyndan bolan Salyha Begim 1516-njy ýylda Zahyreddin Muhammet Babyra durmuşa çykýar. Olaryň gyzy Gülruh begim nagyşbendi hojalaryndan bolan Mürze Nureddin Muhammet Nagyşbendä durmuşa çykarylýar. 1538-nji ýylda olaryň Selime atly gyzy dünýä inýär. Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, Humaýunyň wesýetine görä, 1557-nji ýylyň dekabr aýynda Baýram han Selime bilen durmuş gurýar (Selime Baýram hanyň ikinji aýalydyr. Onuň ilkinji aýaly owgan mülkdary Jemal ham Mewatiniň gyzydyr).

Öz gezeginde R. K. Pandeý “Seýf Aly beg Babyryň duşmanlaryna garşy göreşde öldürilendigini, köp wagt geçmänkä, onuň aýaly Nakyba hanym hem ýogalandygyny we ýetim galan Baýram hanyň Balhda ýaşaýan daşky garyndaşlarynyň ýanyna iberilendigini” belleýär. Ol bu ýerde harby tälimiň inçe syrlaryny öwrenýär, dürli dilleri özleşdirýär hem-de goşgy düzmek, saz çalmak bilen meşgullanýar. Baýram hanyň dünýägaraýşynyň kämilleşmeginde we görnükli şahsyýet bolup ýetişmeginde Balh mekdebiniň rolunyň uly bolandygy köp alymlaryň işinde bellenilip geçilýär.

Şeýle çeşmelerde Babyryň Seýf Aly begiň ölümine gynanyp we onuň maşgalasy, aýratyn hem Baýram han barada alada edip ony öz ogly Humaýunyň ýanyna gulluga almagy niýet edinýändigini bildirip ýörite hat ýazandygy bellenilýär.

1523-nji ýylda Badahşanyň häkimi Mürze han ýogalandan soň, Babyr Humaýuny bu ýerde hökümdar edip belleýär we ony goşun bilen Badahşana iberýär. Baýram han hem bu döwürde Babyryň tabşyrmagy boýunça Humaýun bilen bilelikde Badahşanda galýar. Ol Humaýuna döwlet bähbitli meseleleri çözmekde geňeşçi bolýar, şol bir wagtyň özünde

Humaýunyň goşunyny düzmek, olara harby tälim bermek ýaly jogapkärli wezipeleri alyp barýar.

1526-njy ýylyň baharynda Babyr güýçli goşun bilen Hindistana ýöriş edýär. Baýram han hem Humaýun bilen Badahşandan çykyp oňa goşulýar we Hindistanyň demirgazygynda ýerleşen Agrada ýerleşýär. Ol ýaşlygyna seretmezden özüniň başarjaňlygy, ugurtapyjylygy we batyrgaýlygy bilen tiz wagtda mogol patyşalygynyň Owganystanda we Hindistanda alyp baran syýasy-harby ýörelgeleriniň üstünlikli ösdürilmeginde Babyryň we Humaýynyň iň bir ynamly hemaýatçysyna öwrülmegi başarýar. 1530-njy ýylyň 26-njy dekabrynda Muhammet Babyr ýogalýar we onuň ogly Humaýun tagta çykýar. Bu döwürde Baýram han onuň ähli döwlet we şahsy bähbidini goran, ony söweşlerde ýeňşe ruhlandyran dostuna öwrülýär.

Orta asyr taryhy çeşmeleriniň ählisinde bu iňňän sowukganly, agras häsiýetli, pähim-paýhasly hatby serkerdäniň ýaş mogol imperatorynyň ýurtdaky abraýynyň, hormatynyň kem-kemden berkemegine çuň ähmiýetiniň bolandygy dogrusynda biri-birini tekrarlaýan jümleler mysal getirilýär.

Aradan köp wagt geçmänkä, Baýram hanyň abraýy, şan-şöhraty tutuş Hindistana ýaýraýar. Onuň, batyrgaýlygy, garadan gaýtmazlygy, şahyrana dünýasi dogrusynda ençeme ýatlamalary miras galdyran Abul Fazl Allami özüniň „Aýin-i Akbari” atly işinde şeýle ýazýar: “Ol mogol döwletiniň berk düzgün- tertibi bolan goşunyny döretmegi, esgerlere harby tälimleriň inçe sungatyny öwretmegi başaran ukyply serkerdedi... Baýram han jenneti aşiýanyň (Humaýunyň) iň bir wepaly ýoldaşydy”.

Baýram han özüniň mogol şazadasyna, onuň maksadyna, tutan işine iňňän wepalydygyny durmuşda ençeme gezek subut edýär. R. Pandeý bu dogrusynda şeýle bir wakany ýatlap geçýär: 1540-njy ýylyň maýynda Humaýunyň goşuny Kanaujyň eteginde owgan serkerdesi Şerşah bilen çaknyşýar. Bu gazaply söweşde Humaýun köp ýitgi çekýär we yza çekilmäge mejbur bolýar. Onuň öňdäki goşunynyň başynda duran Baýram han hem Humaýunyň söweş meýdanyny taşlap gidenini görüp, az sanly atlysy bilen golaýdaky Samwal prowinsiýasynda ýaşaýan köne dosty Abdul Wahabyň ýanyna gaýdýar.

G. Aliýew öz işinde “Baýram han bu söweşde Şerşaha ýesir düşýär” diýip ýazýar. Emma R. Pandeý Baýram hanyň Abdul Wahabyň ýanynda ençeme wagtlap ýaşandan soňra, onuň ynamly dosty bolan Raja Mitre Sen Lakhnauryň öýüne iberilişi, ol ýerde Baýram hanyň owgan serkerdesi Şerşah bilen bolan duşuşygy dogrusynda pikiri öňe sürýär.

Raja Mitre Sen Baýram hany hezzetläp, hormatlap öýünde saklaýar. Emma Şamşal welaýatynyň häkimi, asly owgan bolan Nasyr han Baýram hany “mogollaryň wepaly goşunbaşysy, emme owganlaryň ganym duşmany” hasaplap ondan dynmagyň küýüne düşýär. Baýram hany Nasyryň yzarlamasyndan Abdul Wahabyň gowy görüşýän dosty, Şerşahyň abraýly goşunbaşysy Isa han halas edýär, ol hem Baýram hany Şerşah bilen duşuşdyrýar.

Bu türkmen serkerdesiniň şan-şöhraty barada eşidip, ony öz tarapyna çekmegi höwes edip ýören Şerşah Baýram hana köp hezzet edip ony yrmaga ýykgyn edýär. Emma ol Baýram han bilen duşuşygynyň ilkinji pursatynda durkundan, ýüzünden garadan gaýtmaz bu türkmeniň öz tarapyna hiç haçan yrylmajakdygyna göz ýetirýär. Şeýle-de bolsa, Baýram hany synap görmekçi bolýar we oňa “Han, asylly adam öz hojaýynyny satmaz, şeýle dälmi?” diýip ýüzlenýär. Şerşahyň näme diýjek bolýanyny bireýýäm aňan Baýram han hem oňa pert jogap gaýtarýar: “Asylly adam öz hojaýynyny satmak barada pikir hem etmez”. Bu gürrüňden soň olaryň arasyna gutarnykly tow düşýär. Şerşah bu howply garşydaşyndan dynmagyň ugruna çykýar...

Köp wagt geçmänkä, Isa hanyň ýardam bermegi bilen Baýram han öz dosty, Gwalioryň gubernatory Abul Kasym bilen Şerşahyň ýanyndan gaýdýar. Içi kitüwli Şerşah assyrynlyk bilen olaryň yzyndan özüniň içalylaryny iberýär. Abul Kasym bilen Baýram han Gujarat welaýatyna ýetip gelýäkäler, olaryň daşyny Şerşahyň adamlary gabap alýar. Olar biri-birine has meňzeş bolan bu iki dostuň haýsysynyň Baýram handygyny tanaman alňasaýarlar. Pursatdan peýdalanyp Baýram han dostunyň öňüni gabatlap "Men Baýram han!" diýýär. Abul Kasym ýaş, görmegeý we batyrgaý Baýram hanyň entek ýaşamalydygyny, onuň ömrüniň özüniňki bilen deňeşdirilende has gymmatlydygyny, galyberse-de, ony halas etmegiň iňňän zerur pursatynyň ýetip gelendigine göz ýetirýär we "Ol Baýram han däl, meniň hyzmatkärim, Baýram han men, ol diňe meniň janymy halas etjek bolup göz-görtele sizi aldap dur. Goýberiň ony, meni Şerşahyň ýanyna eltiň!" diýip olary ynandyrýar. Baýram hanyň Abul Kasymyň aýdýanlarynyň dogry däldigini subut etjek bolup eden synanyşygy netije bermeýär. Şerşahyň adamalary Abyl Kasymy alyp gidýärler

Bu Gujaratyň ýolunda öz ömrüne dalaş edýän ölümiň Baýram hanyň ýoluna ilkinji gezek çykyşydy. Bu gezek jan dosty Abul Kasym ony yzyna serpikdirýär. Emma ýowuz ykbal birnäçe ýyl geçenden soň, edil şu ýolda, Gujarat topragynda bu batyr serkerdäniň ömrüni ölümiň eline tabşyrýar...

Bar bolan taryhy çeşmeleriň ählisinde diýen ýaly Baýram hanyň bu döwürde, (ýagny, Humaýunyň Kanaujdaky ýeňlişinden soň, Hindistany taşlap gitmäge mejbur bolan döwründe) onuň Eýrana sapary döwründe, Eýran şasy Tahmasp bilen geçiren gepleşikleriniň barşynda taryhy rol oýnandygy hakda köp sanly maglumatlar berilýär. Bu işleriň barysynda Baýram han "ussat ilçi, ýokary derejeli diplomat" hökmünde häsiýetlendirilýär.

Bu barada R. Pandeý "Humaýunyň Eýrana ýörişi pursaty hut Baýram hanyň tagallasy bilen şowlulykdan başlanýar" diýip belleýär. Çünki, söweşde ýeňlen Humaýun ruhy çökgünlige uçraýar, emme Baýram han ony aýaga galkmaga, täze ýeňşe ruhlandyrýar we munuň üçin hem Sefewi türkmenleriniň döwletiniň ikinji hökümdary Tahmasp I bilen gepleşikleri geçirmek üçin Eýrana gitmäge yrýar. Ol Eýran şasy we onuň raýatyndaky aýry-aýry hökümdarlar, atly-abraýly adamlar bilen geçiren gepleşikleriniň gowy netije berjekdigine ynanýar. Baýram han Humaýunyň ýene-de Hindistana ýeňiş bilen dolanmagy üçin iň zerur ädimiň onuň Eýran patyşasy bilen duşuşyp, mogol imperiýasynyň ykbalyny halas etmek barada gepleşik geçirmekdigine we harby goldawy gazanmakdygyna şazadany ynandyrýar.

1543-nji ýylyň aýaklarynda Humaýun Baýram hanyň maslahatyna eýerip, Eýrana gaýdýar. Baýram han bu ýurduň Sistan, Hyrat, Maşat ýaly şäherlerinde Humaýunyň ýerli häkimler bilen duşuşyklarynda özüniň „ýokary ilçi" diýen derejesine mynasyp rol oýnaýar. Hatda ol ýerli hökümdarlar bilen öňden gelýän tanyşlygyna daýanyp, mogol imperatorynyň bu ýerde hormat, sylag bilen garşylanmagy üçin zerur şertleriň barysyny döretmegi başarýar. Şeýlelikde, Baýram han Eýran şasy Tahmasp I bilen duşuşyga barýan ýolda Humaýunyň howpsuz-hatarsyz hereket etmegini üpjün edýär.

Baýram hanyň Eýrandaky hormat- sylagyna ymykly göz ýetiren Humaýun oňa eýran tarapy bulen geçiriljek duşuşyklary we gepleşikleri guramaklygy tabşyrýar we ony özüniň ilçisi hökmünde öňünden şa köşgüne iberýär.

Köp sanly taryhy işleriň awtorlarynyň, şol sanda orta asyr taryhşynasy Perişdäniň berýan maglumatlaryna görä, Eýran şasy Tahmasp Baýram han bilen bolan duşuşygynda onuň öz saçyny şaýylarynky ýaly syrdyryp, kellesine şaýylaryň geýýän topbusyny ya-da ýörite taýýarlanylan täji geýmekligi talap edýär. Baýram han aslynda musulmanlaryň şaýy

toparyndan bolansoň bu teklibi ikirjiňlenmezden ýerine ýetirip bilerdi. Emma ol Tahmasp şa ýüzlenip “özüniň başga bir soltanyň hökmüne boýundygyny” pert aýdýar.

Baýram hanyň bu hereketi maňzyna batmadyk Tahmasp Humaýun bilen duşuşygynyň möhletini birbada yza çekdirýär... Emma Baýram han ruhdan düşmeýär, ol iki tarapyň hem gepleşiklere günibirin başlamagy üçin bar ukybyny, güýjini gaýgyrman işleýär. Sefewi türkmenleriniň döwletiniň hökümdarynyň köşgünde öňden tanalýan Baýram hany şanyň ýakyn adamlarynyň käbirisi hem goldaýarlar.

R. Pandeý Humaýunyň Tahmasp şa bilen birnäçe gezek geçiren duşuşyklarynyň dowamynda Baýram hanyň onuň görnükli ilçisi, iň wepaly dosty we maslahatçysy hökmünde Eýran şasyna we onuň köşk emeldarlaryna özüni görkezendigini ünsi çekýär. Taryhy çeşmelerde Baýramyň “Han” diýen derejä ilkinji gezek Eýran şasynyň köşgünde eýe bolandygy bellenýär. Çünki, iki hökümdaryň özara duşuşyklary turuwbaşdan ugrugyp gidibermeýär we diňe Baýram hanyň irginsiz tagallalary we gepleşikleri ussatlyk bilen ýola goýmagy netijesinde taraplaryň ylalaşyga gelmegine ýol açylýar.

Tahmasp I ilkinji duşuşykda Humaýuna hem edil Baýram hanyň öňünde goýan tekibini tekrarlaýar we onuň köşk emeldarlarynyň öňünde şaýy topbusyny geýmegini soraýar. Sünni ygtykatly Humaýun muňa erbet gatyrganýar we “özüni masgaralamak” diýip kabul edýär. Emma Baýram han ony köşeşdirip, bu ýagdaýdan onuň sabyrlylyk we parasatlylyk bilen baş alyp çykmalydygyny, çünki mogol imperiýasynyň gelejeginiň ykbalynyň bu köşkde geçirijek gepleşikleriň netijesi bilen berk baglanyşyklydygyny düşündirýär. Baýram hanyň maslahatyna eýeren Humaýun soňky duşuşyklarda örän oýlanyşykly hereket edýär we özüne hödürlenýän şaýy topbusyny eline alyp Tahmaspa ýüzlenip şeýle diýýär: “Bu täji diňe ýeňijiler geýmäge mynasypdyr. Häzirki pursatda men söweşde ýeňlen bir esger, eger-de Siziň ýardamyňyz bilen gelejekde ýurduma ýeňiş bilen dolanyp, Siziň merhemetli eliňizden alnan bu täji geýmäge mynasyp bolsam, özümi iň bagtly adam saýardym”.

Humaýunyň bu sözleri hem mogol şalygynyň mundan beýläkki ykbalyny çözýär, gepleşikleriň netijesinde Eýran şasy oňa kömek hökmünde 1200 atly goşuny ýardam berýär. Bu harby güýçler Humaýuna Owganystanda özüne garşy baş göteren doganlary Kamran we Askar bilen alyp baran göreşlerinde uly ýeňiş getirýär. Bu göreş on ýyla çekýär. Humaýun ilki öz doganlary bilen arasyndaky ylalaşyksyzlygy özara düşünişmek arkaly çözmäge synanyşýar. Bu ugurda ol Baýram han bilen bilelikde birnäçe gezek olar bilen gepleşikler hem geçirýär. Emma Kamran bilen Askar Humaýuna garşy göreşlerini dowam etdirýärler. Netijede, Humaýunyň bu iki dogany bilen göreşi olaryň doly derbi-dagyn edilmegi bilen tamamlanýar...

Baýram han 1545-nji ýylda Humaýun tarapyndan Owganystanyň Gandagar welaýatyna gubernator edilip iberilýär. Bu Baýram hanyň ilkinji gezek döwlet dolandyryş işindäki tejribesi bolýar. R. Pandeýiň berýän maglumatyna görä, “Baýram han Gandagary ykdysady, sosial, medeni we harby taýdan ösdürmekde hem ähmiýetli işleri durmuşa geçirýär”. Ol şäheriň daşyna örän berk gala saldyryp, onuň goralyşyny berkidýär, öz garamagyndaky goşunyň esgerleri bilen dynuwsyz harby türgenleşigi ýola goýýar. Baýram hanyň hökümdarlyk eden dokuz ýylyň içinde bu şähere ýekeje adam hem bet niýet bilen ädim ätmändir.

Baýram han has hem bu şäherde berk tertip-düzgüni ýola goýýar. Ol özüniň ýakyn kömekçileri bilen şäheriň köçelerine, bazaryna aýlanyp görýär, ýerli ýaşaýjylary wagtal-wagtal kabul edýär, olaryň arz-şikaýatlaryny adyl we dogruçyl derňemek arkaly çözýär. Awtor şeýle hem Baýram hanyň hökümdarlyk eden eýýamynda parahat we ösüşli ýaşaýşyň bolandygyny bellemek bilen bu barada orta asyr taryhşynasy molla Abdyl Kadyr

Badaoniniň “Baýram han öz döwrüniň iň ajaýyp hökümdarydyr, çünki ol ylym-bilimiň we medeniýetiň gülläp ösmegini gazanmagy başarýar” diýen sözlerine salgylanýar.

Baýram han ukyply we guramaçy ýolbaşçynyň ähli gowy taraplaryny özünde jemläpdir. Taryhy çeşmelerde onuň batyr, öňden görüji, tejribeli we polat ýaly adam bolandygy, berk tertip-düzgünli, şol bir wagtda hoşgylyk häsiýetli adam bolandygy bellenýär. Onuň bu ähli sypatlary ony diňe bir ýokary derejä götermän, eýsem Humaýunyň tüýs mynasyp dostuna öwrülmegine ýardam beripdir.

Eýrandan Owganystana geçilen ýyllarda Baýram hanyň hut öz öňündäki, mogol köşgündäki bitiren hyzmatlaryny nazara alyp Humaýun oňa iň ýokary “Hanlaryň hany” dýen derejäni berýär. Bu öz döwründe iň bir sarpaly, belent döwlet sylagy eken. Bu ada mogollar köşgünde ilkinji bolup Baýram han mynasyp bolýar. Şol bir wagtyň özünde ol Mogol goşunynyň Baş serkerdebaşysy wezipesini hem alyp barýar.

Elbetde, Baýram hanyň imperator bilen ysnyşykly gatnaşygyny görüp bilmeýän käbir köşk emeldarlary olaryň arasyny bozmaga çalyşýarlar. Bu döwürde Baýram hany ýamanlap, oňa töhmet atyp ýazylan hatlaryň ençemesi Humaýunyň elinden geçýär. R. Pandeý öz işinde 1553-nji ýylyň dekabr aýynda Humaýunyň adyna ýazylan awtory belli bolmadyk bir arzanyň mazmunyny mysal getirýär, onda şeýle ýazylýar: “Siziň Alyhezretleriňiz, siziň iň bir ynamdar adamyňyz bolan Baýram han gyzylbaşdyr we ol şaýy ygtykatlaryna uýýandyr. Ol Sizden gizlinlikde Eýran şasy bilen özara dil düwüşipdir we bileleşipdir, çünki ol Eýran şasynyň özüniň hakyky hojaýyny saýýar. Onuň Gandagaryň bar genji-hazynasyny eýranlylara gowşuryp, özüniň hem basym bizi taşlap gitjegi ikuçsyzdyr”.

Elbetde, Humaýun Baýram hana berk ynanandygy üçin uzak wagtlap özüne gelýän arzalara aýratyn ähmiýet bermeýär, emma olaryň hatary gitdigeçe artýar we bu meselä nokat goýmak üçin Humaýun köşk emeldarlaryna hem-de Baýram hana duýdurmazdan Kabuldan Gandagara gaýdýar we ep-esli wagt bu ýerde bolup şäheriň içinde bolup geçýän özgerişikleri, Baýram hanyň adamlar bilen gatnaşyklarda özüni alyp barşyny, onuň iş tutuşyny daşyndan synlaýar. Netijede, ol bilelikde otdan-suwdan geçen we iň kyn pursatlarda-da özüni taşlamadyk bu ajaýyp dostunyň ýüreginiň päk, eliniň arassa we niýetiniň dürsdigine ýene-de bir gezek ymykly göz ýetirýär. Şondan soň ol Baýram hana Gandagara gelmeginiň sebäbini düşündirýär we oňa bolan hormatynyň has hem artandygynyň nyşany hökmünde oňa “Ýar wepadar” (Wepaly dost) derejäni dakýar.

Humaýun Owganystandaka ony Hindistandan çykyp gitmäge mejbur eden puştun serkerdesi Şer hanyň köşgünde agzalalyk başlanýar. Şer han ölenden soň, ýurtda onuň tagty ugrundaky göreş güýçlenýär. Bu hem Sur şanebereleriniň döwletiniň dargamagyna getirýär.

Hindistanyň içindäki durnuksuzlyk Humaýuna ýene-de bu ýurda dolanmak üçin amatly şert döredýär. 1555-nji ýylyň iýulynda Sirhindde bolan söweşde Baýram han Sur patyşasy Iskender III-niň goşunyny derbi-dagyn edýär we Delä tarap Humaýunyň goşunyna ýol açýar. Şeýlelikde, göni 12 ýyl geçenden soň, Hindistanda mogol patyşalygy täzeden dikeldilýär.

Humaýun tagta çykandan soň, 11 ýaşly ogly Akbary öz mirasdüşeri diýip yglan edýär we ony Penjap welaýatyna hökümdar edip belleýär. Baýram han hem onuň Atalygy edilip bellenilýär.

1556-njy ýylyň ýanwarynda Humaýun aradan çykýar. Baýram han ol wagt Akbar bilen Penjabda bolýar, ol ähli serkerdeleri ýygnap, olaryň öňünde mirasdar Ekberiň tagta eýe bolanlygyny yglan edýär. Merhum- Humaýunyň islegine laýyklykda, hiç hili tejribesi bolmadyk Ekberiň wezipesiniň jogapkärçiligini Baýram han öz üstüne alýar. Taryhy

çeşmelerde berlişi ýaly ol aslynda tä 1560-njy ýyla çenli Deli soltanlygynyň, hat-da tutuş ýurduň hökümdary bolýar.

Bu döwürde Hindistanda çylşyrymly syýasy-harby ýadaýlar dowam edýär. Mogol patyşalygynyň duşmanlary tejribesiz, ýaş Ekberiň hökümdarlygyny dargatmak ugrunda göreş alyp barýarlar. Delini eýelemek üçin amatly ýagdaýa garaşyp ýören Iskender Sur we Hemu atly serkerdeler Akbara garşy ýöriş edýärler. Iskender Sur Penjapda, Hemu hem Deliniň golaýyndaky ýerlerde mogol goşunyna garşy gazaply söweşleri alyp barýarlar.

Baýram han Delini goramak üçin mogol serkerdesi bolan Tardy begi goşun bilen Hemunyň garşysyna ugradýar. Özi hem Penjabyň eteginde Iskender Sur bilen çaknyşýar. Bu gezekki söweşde Iskender Sur gutarnykly ýeňilýär we öz janyny gutaryp ýürtdan gaçyp gidýär. Emma Hemu bilen bolan söweşde Tardy beg gowşaklyga ýol berýär hem-de ýeňlip Hemunyň hiç bir kynçylyksyz Delini eýelemegine sebäp bolýar.

Hemunyň Delini eýeländigi barada habar Baýram hany gazaba mündirýär. Ol namartlyk bilen gaçyp gelen Tardy begi beýleki mogol serkerdeleriň öňünde jezalandyryp öldürýär. Şeýle etmek bilen ol käbir ýaýdanýan, ynamsyz hereket edýän goşunbaşylaryna özüniň mogol patyşasy üçin hiç bir ýoldan gaýtmajakdygyny we Hemu bilen iň soňky demine çenli göreşjekdigini subut edýär. Mogol goşunbaşlary Baýram hana “wagtlaýynça Kabula yza çekilmegi” maslahat berýärler. Emma ol bu teklibi kabul etmeýär we goşunyny brikdirip Hemu bilen täze söweşe atlanýar. Delä garşy ýöriş etmezden öň, ol goşunyň öňünde dabaraly söz sözleýär we esgerleriň ruhuny göterýär. Onuň “Söweşde ýeňmän ölmek iň uly bagtsyzlykdyr” diýen sözleri bilen ruhlanan goşun Hemu bilen bolan gazaply söweşde möhüm taryhy ähmiýetli ýeňşi gazanmagy başarýar.

Bu ýeňişden soň, tagt ugrunda göreşýän owgan, hindi ýaragly güýçleri kem -kemden dargaýar. Tä 1561-nji ýyla çenli olaryň biri hem Mogol tagtyna dalaş etmäge milt etmändir. Çünki, bu döwürde ýurduň baştutany we baş goşun serkerdesi bolan Baýram han mogol patyşalygynyň durnukly, ykdysady taýdan gurply, öz ösen ruhy medeniýeti bolan sarsmaz döwlete öwrülmegini gazanýar.

Şol bir wagtda Baýram han özüniň çäksiz işlidigine seretmezden ýaş şazada Ekberiň terbiýesine hem jogapkärli çemeleşýär. Dil öwretmek, surat çekmek (şekillendiriş sungaty), saz çalmak ýaly endikleri öwretmek bilen bir hatarda, Ekberiň berk bedenli, sagdyn bolup ýetişmegi üçin hem yzygider aladalanýar. Ol onuň bilen dynuwsyz harby türgenleşik geçirýär, oňa durmuşda derwaýys endikleri hem ilkinji bolup Baýram han öwredýär.

Taryhy işleriň aglabasy Baýram hanyň bu hyzmatyna baha berip ony “Ekberiň beýnisi” diýip atlandyrýarlar. Pandeýiň “ýaş mogol patyşasy entek kamilleşmedik on üç ýaşly oglandy we söweş strategiýasy barada hiç hili düşünjesi ýokdy. Ol elmydama Han babanyň (Baýram hanyň) berýän maslahatyna eýerýärdi” diýen sözleri hem muňa şaýatlyk edýär.

Baýram han Ekberiň entek ýaşdygyny we döwleti dolandyrmak işlerinde tejribesiniň pesdigini nazara alyp ýurduň içinde we daşary syýasy ugurlarda berk düzgün-nyzamlylygy ýola goýýar we maliýe hasabat işleriniň ýöredilişine hem gözegçiligi has pugtalandyrýar. Bu hem köşgiň içinde orun alan nebisjeň emeldarlaryň nägileligini artdyrýar. Netijede, Baýram hana garşy gizlin köşk pitneçiligi başlanýar. Soňabaka, Ekberiň tejribesizliginden peýdalanyp, köşk emeldarlary bu işe Ekberiň ejesi Hamida Banu Begimi, enekesi Mahymy hem çekmegi başarýarar.

Bar küýüni, yhlasyny köşk aladalaryna, ýokary jogapkärçilikli döwlet we jemgyýetçilik meselelerine sarp edip ýören Baýram han özüne garşy alnyp barylýan gizlin işlere üns bermeýär. Emma köşkdäki perdä duwlanyp geçiilýän dildüwüşikler gün geçdigiçe güýjäp ugraýar.

Baýram şaýy musulmanlaryndan bolýar we bu hem sünni topara girýän musulmanlarda uly nägilelik döredýär. 1558-nji ýylda Baýran hanyň köpsanly mogol garşydaşlarynyň isleginiň tersine gidip, asly şaýy musulmanlaryndan bolan Gadaini musulman metjitlerine kazylary belleýän we düşewintleri toplaýan wezipä (sadr-us-sudur) bellemegi bubabatdaky çaknyşyklary has hem ýitileşdirýär. Galyberse-de, goşunda berk-düzgün nyzamy ýola goýmak, onuň söweşjeňligini artdyrmak ugrunda çalyşýan Baýram hanyň gazaply hereketleri, talap edijiligi bilen ylalaşmadyk sünni goşunbaşlar Baýram hanyň üstünden arz edip başlaýarlar.

Birnäçe wagt geçenden soň, Ekber Baýram hany ýanyna çagyrýar we oňa ýüzlenip „Han baba, men siziň öňüňizde üç şert goýmakçy, haýsyny saýlasaňyz, şony hem gürrüňsiz berjaý ederin. Birinjiden, Siz isleseňiz, men sizi öz ynamdar adamym hökmünde Penjaba hökümdar belläp bilerin. Ikinjiden, eger siz ministr hökmünde köşkde galmak isleseňiz onda meniň adamlarym ony halamaz we Siz öňki ýaly olaryň içinde “Soltanlygyň wekiliniň” hormatyny gazanyp bilmersiňiz. Üçinjiden, eger siz Hudaýa sygynmak isleseňiz, onda Mekgä zyýarata gidip bilersiňiz. Men sizi goramak üçin adam bererin we sowalgaňyzy yzygider, ynamly hyzmatkärlerim bilen gönderip duraryn” diýýär.

Öz eli bilen ýetişdiren şazadanyň köşk dildüwşikleriniň ýesiri bolandygyna bada-bat göz ýetiren garadan gaýtmaz gaýduwsyz türkmen serkerdesi bada-bat Mekgä gitmegi seçýändigini aýdýar. Bu aýralyk gürrüňdeşligiň soňunda Baýram han Ekbere ýüzlenip munuň özüne garşy ussatlyk bilen gýlan hidigini, duzakdygyny aýdýar we onüň ünsüni köşkde perde astynda alnyp barylýan gabahat işlere çekmekçi bolýar, onuň bu bolýan zatlara düýpli seretmegini talap edýär. Emma, bir tarapdan entek beýnisi bekemedik, durmuş tejribesi bolmadyk, ikinji tarapdan ejesiniň we özüni köpçülikleýin gurşap alan garyndaşlarynyň, köşk emeldarlarynyň sözünden çykyp bilmedik Ekber Baýram hana garşy goýulan hileden ejiz gelýär. Ol özüne näçe agyr degse-de, ony Mekgä ibermegiň iň amatly ýoldygyna özüni ynandyrýar...

Baýram han 1561-nji ýylyň ýanwar aýynda maşgalasyny iň wepaly nökerlerini alyp Mekgä gaýdýar. Onuň ýanynda Selime soltan, dört ýaşly ogly Abdyrahym we onuň ejesi hem bolýar. Ol Hindistanyň Gujarat welaýatynda düşlände owgan duşmanlary tarapyndan düýdansyz ýagdaýda öldürilýär. Baýram hanyň ölümi Hindistanyň orta asyr taryhynda iň pajygaly waka hökmünde taryha girdi...

**Çynar RÜSTEMOWA,**
**Adatdan Daşary we Doly ygtyýarly ilçi,**
**filosofiýa ylymlarynyň kandidaty**